**Ýaş telekeçileriň we ýaşlar kärhanalarynyň arasynda «Mahabat üstünligiň açary» atly festiwaly geçirmegiň DÜZGÜNNAMASY**

## I. Umumy düzgünler

1. Ýaş telekeçileriň we ýaşlar kärhanalarynyň arasynda «Mahabat üstünligiň açary» atly festiwalyny geçirmegiň düzgünnamasy (mundan beýläk – Düzgünnama) «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Mahabat hakynda», Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, işlenip taýýarlandy we bu festiwaly guramagyň we geçirmegiň (mundan beýläk - festiwal) düzgünini kesgitleýär, festiwal geçirilende ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Festiwala gatnaşmaga «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynyň 3-nji bendinde görkezilen ýaşlaryň (okuwçy ýaşlar, talyp ýaşlar, ýaş hünärmenler, zehinli ýaşlar, telekeçi ýaşlar, alym ýaşlar) we 7-nji bendinde görkezilen eýeçiligiň döwlete dahylsyz görnüşindäki we işgärleriniň azyndan 75 göterimini ýaşlar düzýän kärhanalaryň (mundan beýläk – dalaşgärler) hukuklary bardyr.

3. Festiwal Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan guralýar we geçirilýär.

4. Festiwaly guramakda we geçirmekde ýaşlary goldaýan ýuridik we fiziki şahslar hem çykyş edip biler.

5. Festiwalyň özboluşly aýratynlygy hökmünde nyşany, reňki, senasy bolmalydyr.

## II. Festiwalyň maksady

6. Ýaş telekeçileriň we ýaşlar kärhanalarynyň ýurdumyzyň jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady, medeni durmuşyna işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak, ýaşlary mahabat işiniň çygryna çekmek üçin höweslendirmeler ulgamyny ösdürmek hem-de dalaşgärleriň iň gowy başlangyçlaryny saýlap almak;

7. Dalaşgärleriň döredijilik ukyplaryny, başarnyklaryny, özboluşly çözgütlerini ýüze çykarmak hem-de iň oňat mahabat önümini we mahabat nusgalaryny döretmek we Türkmenistanyň çäginde mahabat kampaniýalaryny geçirmek maksady bilen guralýar.

## III. Festiwalyň wezipeleri

8. Bäsleşik çäreleriniň üsti bilen ýaşlary mahabat işine çekmek hem-de dürli çözgütleri gözlemek, döredijilikli çemeleşmek bilen mahabat önümlerini döretmek;

9. Durmuş mahabatyň jemgyýetçilik ähmiýetini ýokarlandyrmak;

10. Oňyn jemgyýetçilik pikiriniň döremegine saldamly täsir edip biljek materiallar toplumyny döretmek;

11. Festiwala köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, telekeçileriň, işewürleriň hem-de aragatnaşyk, maglumat-telekommunikasiýa pudagyndaky hünärmenleriň ünsüni çekmek.

## IV. Festiwalyň çäklerinde şu bäsleşikler yglan edilýär:

12. Durmuş mahabat bäsleşigi.

Nominasiýalar:

1) Teleýaýlymda mahabat

2) Radioýaýlymda mahabat

3) Grafiki (çap) mahabat

4) Adaty däl mahabat

5) Internet mahabaty

6) Mahabat suraty

13. Haryt we hyzmat mahabat bäsleşigi.

Nominasiýalar:

1) Teleýaýlymda mahabat

2) Radioýaýlymda mahabat

3) Grafiki (çap) mahabat

4) Adaty däl mahabat

5) Internet mahabaty

6) Mahabat suraty

14. Ýörite bäsleşik.

Festiwaly guramaga we geçirmäge gatnaşýan ýaşlary goldaýan ýuridik we fiziki şahslar hem-de hemaýatkärler tarapyndan ýurdumyzda ýaýbaňlanan ýaşlar syýasaty boýunça ýörite bäsleşik yglan edilip bilner.

## V. Festiwaly geçirmegiň tertibi

15. 1-nji tapgyr – 2023-nji ýylyň 20-nji maýyna çenli festiwalyň geçirilýändigi we oňa gatnaşmagyň şertleri hakynda ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde bildiriş bermek, festiwala gatnaşmaga isleg bildirýän dalaşgärleriň arzasyny, onuň ýanyna goşulýan

resminamalary we bäsleşik üçin hödürlenilýän işleri kabul etmek we hasaba almak.

16. 2-nji tapgyr – 2023-nji ýylyň 27-nji maýyna çenli şu düzgünnamanyň talaplaryna laýyklykda, bäsleşige hödürlenilen işleriň deslapky saýlawyny geçirmek. Eminlik topary tarapyndan degişli nominasiýalar boýunça bäsleşik işlerini gözden geçirmek, seljermek we baha bermek.

17. 3-nji tapgyr – 2023-nji ýylyň 31-nji maýy. Mahabat işi boýunça ussatlyk sapaklary geçirmek, mahabat meseleleri boýunça çekişmeleri (diskusiýalar) alyp barmak, iň oňat işleriň sergisini görkezmek, festiwalyň ýeňijilerini we dalaşgärlerini sylaglamak dabarasyny geçirmek, baýramçylyk şüweleňini guramak.

## VI. Festiwala gatnaşmagyň şertleri

18. Bäsleşik üçin hödürlenilýän işler türkmen dilinde tabşyrylmaly.

19. Bäsleşige gatnaşmak üçin bäsleşik ýygymy alynmaýar.

20.Dalaşgärler tarapyndan arzanyň ýanyna şu resminamalar goşulmalydyr:

1) ýuridik şahslar üçin:

a) döwlet tarapyndan bellige almak baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

b) Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň nusgasy;

ç) Ýaşlar kärhanasyny tassyklaýan resminama;

d) Mahabat boýunça hödürlenilýän bäsleşik işiniň ady, bäsleşigiň görnüşi we nominasiýasy.

2) fiziki şahslar üçin:

a) pasportynyň ýa-da şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

d) Mahabat boýunça hödürlenilýän bäsleşik işiniň ady, bäsleşigiň görnüşi we nominasiýasy.

21. Dalaşgäriň hödürleýän işi bir nominasiýa boýunça üçden köp bolmaly däldir.

22. Dalaşgärler tarapyndan arzanyň ýanyna goşulýan resminamalar ýapyk bukjada bäsleşik toparyna gös-göni tabşyrylýar ýa-da maglumat-telekommunikasiýa ulgamynyň üsti bilen, şu salga yashlarsyyasaty@sanly.tm ugradylyp bilner. Arzalar 2023-nji ýylyň 20-nji maýyndan gijä galman iberilmelidir. Bukjaň ýüzünde dalaşgäriň doly ady, telefon belgisi we bäsleşik işiniň ady görkezilmelidir.

23. Festiwalyň guramaçylary bäsleşik işlerini täjirçilik däl maksatlar üçin (festiwaly mahabatlandyrmak maksady bilen, usulyýet we maglumat neşirlerinde ýerleşdirmek, şeýle hem telewideniýede we radioda ýaýlyma bermek, beýleki mahabat giňişliklerinde, bilim maksatly taslamalarda ulanmak üçin) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda peýdalanmaga hukuky bardyr.

24. Tabşyrylan bäsleşik işe, awtorlyk hukuklara eýe bolan üçünji taraplaryň jedelli meseleleri ýüze çykan halatynda, dalaşgär olary öz adyndan we öz hasabyna çözmegi üstüne alýar hem-de şahsy jogapkärçilik çekýär.

25. Hödürlenilen işler yzyna gaýtarylmaýar we olara syn berilmeýär.

26. Bäsleşige gatnaşmak üçin arza bermek we işleri tabşyrmak, dalaşgäriň bäsleşigiň ähli şertlerini kabul edýändigini we festiwaly guramagyň we geçirmegiň şertleri bilen ylalaşýandygyny aňladýar.

## VI. Bäsleşik işlerine bildirilýän talaplar

27. Durmuş mahabaty boýunça bäsleşige hödürlenilen işler – sagdyn durmuş ýörelgäniň, saglygy we daşky gurşawy goramagyň, energiýa serişdelerini gorap saklamagyň, durmuş goraglylygynyň we ilatyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň, hukuk bozulmalaryň öňüni almagyň, ruhy baýlygyň we bilim bermegiň wagyz meseleleri boýunça jemgyýetçilik we döwlet bähbitlerini goramaga degişli bolmalydyr.

28. Durmuş mahabaty bäsleşigine hödürlenilen işlerde aşakdakylar bolmaly däl:

1) harytlaryň anyk markalary (modelleri, artikullary), haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary barada we harytlary aýrybaşgalaşdyrmagyň beýleki serişdeleri barada, fiziki we ýuridik şahslar barada ýatlanmalar.

2) Bulara döwlet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, agyr durmuş ýagdaýlaryna sezewar bolan fiziki şahslar ýa-da bejergä mätäçler degişli däldir.

29. Haryt we hyzmat mahabaty bäsleşigine hödürlenilen işlerler – telekeçilik işi bilen baglanyşykly, telekeçilik işini amala aşyrmak üçin dürli görnüşli harytlary, önümleri, şonuň ýaly-da dürli hili hyzmatlary hödürlemek, harytlar we harytlary taýýarlaýjylar, hyzmatlar barada maglumat bermek bilen baglanyşykly bolmalydyr.

30. Haryt we hyzmat mahabaty bäsleşigine hödürlenilen işlerlerde aşakdakylar bolmaly däldir:

1) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda öndürmäge we ýerlemäge gadagan edilen harytlar we hyzmatlar;

2) neşe serişdeleri, psihotrop maddalar, olaryň prekursorlary, temmäki önümler we çilim üçin esbaplar, alkogol içgiler we çakyr önümleri, biologiki işjeň goşundylar, energiýa beriji içgiler;

3) gipnotizýorlar, tebipler, ekstrasensler, palçylar we özlerini wakalary öňünden aýtmaga ukyply diýip mälim edýän adamlaryň hyzmatlar;

4) kazino we humarly oýunlar, jynsy häsiýetli, şol sanda psihologik kömek, gatnaşyk etmek, relaksasiýa, owkalamak, ýakymly wagt geçirmek ýaly hyzmatlar;

5) pornografik materiallar, hasaba alynmadyk dini guramalar we dini okuw mekdepleri, pirotehnik önümler, partlaýjy maddalar we materiallar, harby maksatly ýarag we önümler, adamyň aňyna täsir edýän hereketler.

## VII. Bäsleşik işlerine bildirilýän tehniki talaplar

31. Teleaýlymda mahabat – işler AVI, FLV, MP4. formatlarda kabul edilýär. Wideo we ses ýazgylarynyň dowamlylygy 60 sekunda çenli bolmaly.

32. Radioýaýlymda mahabat – işler MP3 formatda, bitreýt 32 Kbit/sek, iň ýokary wagty 90 sekunt bolmaly.

33. Grafiki (çap) mahabat – işler TIFF ýa-da JPG görnüşinde, CMYK reňk ulgamynda, 300-den 600 dpi aralygynda kabul edilýär.

34. Adaty däl mahabat – işler A4 ölçegde elektron görnüşinde, JPEG ýa-da TIFF formatynda, 150-300 pixrls/inch (nokat/dýuým) aralykda kabul edilýär.

35. Internet mahabaty – işler elektron görnüşinde kabul edilýär ýa-da internet saýtynyň salgysy görkezilýär.

36. Mahabat suraty – işler A4 ölçegde elektron görnüşinde, JPEG ýa-da TIFF formatynda, 150-300 pixrls/inch (nokat/dýuým) aralykda kabul edilýär.

37. Bildirilýän talaplara laýyk gelmeýän işlere festiwalyň bäsleşik maksatnamasyna gatnaşmaga rugsat berilmeýär, ýöne festiwalyň çäginde Guramaçylyk toparynyň karary bilen görkezilip bilner.

## VIII. Festiwalyň Guramaçylyk topary

38. Festiwal Guramaçylyk topary tarapyndan dolandyrylýar.

39. Guramaçylyk topary festiwalyň guramaçylarynyň we bilelikde gurnaýjylarynyň, şeýle hem mahabat işi bilen meşgullanýanlaryň jemgyýetçilik başlangyçlarynda işe çekilýän wekillerinden, degişli hünärmenlerinden ybarat düzümde döredilýär.

40. Guramaçylyk topary festiwalyň geçiş tertibini we wagtyny kesgitleýär, çäreleriň meýilnamasyny, eminlik toparynyň düzümini tassyklaýar, festiwalyň çykdaýjysyny hasaplaýar we düzýär, maglumat we mahabat goldawyny berýär.

41. Guramaçylyk topary şu Düzgünnama we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda festiwaly geçirmek bilen baglanyşykly beýleki zerur hereketleri amala aşyrýar.

## IX. Festiwalyň netijelerini jemlemek

42. Eminlik topary we toparyň iş ýörelgeleri:

1) Eminlik topary jemgyýetçilik başlangyçlarynda işe çekilýän degişli hünärmenlerinden ybarat, bäş adamdan az bolmadyk düzümde döredilýär. Eminlik toparynyň düzümi täk sandan ybarat bolmalydyr.

2) Eminlik toparynyň ýygnagyna agzalarynyň azyndan dörtden üç bölegi gatnaşýan bolsa, ol karar kabul etmäge hukuklydyr, şonuň bilen birlikde eminlik toparynyň her bir agzasynyň bir sesi bar.

3) Eminlik toparynyň kararlary eminleriň ses bermäge gatnaşan agzalarynyň umumy sanynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Sesleriň deňligi mahalynda eminlik toparynyň başlygynyň sesi çözüji bolup durýar.

4) Eminlik topary bäsleşige hödürlenen işlere adalatly baha bermegiň ýörelgelerini kesgitleýär, işlere seljerme geçirýär we baha berýär. Bäsleşigiň netijeleri boýunça ýeňijini seçip almak babatda çözgüt kabul edýär we teswirnama düzýär. Bu teswirnamanyň esasynda Guramaçylyk topary bäsleşigiň jemini jemleýär.

43. Ýeňijileri sylaglamak.

1) Her bäsleşikde nominasiýalar boýunça bir ýeňiji kesgitlenýär.

2) Festiwalyň Gran Pri baýragynyň ýeňijisi nominasiýalarda ýeňiji bolanlaryň arasyndan kesgitlenýär.

3) Bäsleşikleriň ýeňijilerine ýeňijiniň diplomy berilýär we gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar.

4) Ýeňijileriň sanawyna goşulmadyk dalaşgärlere festiwala gatnaşyjynyň diplomy gowşurylýar.

5) Festiwalyň netijesi boýunça bäsleşige gatnaşan dalaşgärleriň iň gowy işlerini öz içine alýan katalog (elektron görnüşinde) çap edilip bilner.

44. Festiwalyň guramaçylary we bilelikde gurnaýjylary şeýle hem hemaýatkärleri tapawutlanan dalaşgärleri höweslendirmek üçin goşmaça baýraklary döredip bilerler.

45. Festiwalyň jemleri baradaky maglumatlar köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilýär.

## X. Festiwaly maliýeleşdirmek

46. Festiwal bilen baglanyşykly bolan ähli çykdajylar Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

47. Festiwal bilen bagly gaýry çykdajylar guramaçylaryň we bilelikde gurnaýjylaryň, şeýle hem hemaýatkärleriň hasabyna maliýeleşdirilip biliner.